# Zenanlar gabyra zyýarata gitse bolýarmy?

Sahypañ okyjysy: Esselamu aleýkum. Zenanlar gabyra zyýarata gitse bolýarmy? Käbirleri gabyra zyýarata gitmek diñe erkeklere degişli diýýärler we zenanlara gabyra barmak haram we eger gitse gaty günä gazanjakmyş diýýärler? Käbir mollalar bolsa, gitse bolar diýýärler?

Waleýkum esselam we rahmetullahi we barakatuh.

Ybrat almak, musulmanlaryñ ölüleri üçin bagyşlanma dilemek üçin gabyra zyýarata gitmek müstehapdyr. Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem hadysda: **"Size gabyrlara zyýarata gitmegi gadagan edipdim...indi gabyrlara gitmäge rugsat berýärin. Çünki ol zyýarat ahyrýedi ýatladar"** diýýär. (Ahmed: 5/355, Tirmizi: 1054)

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemiñ özi hem ençeme gezek Medinedäki Baki mazarystanlygyna zyýarata gidip, ol ýerdäki musulmanlara Allahdan bagyşlanma diländir.

Emma alymlar zenanlaryñ gabyr zyýaraty barada yhtylaf edendirler. Käbirleri zenanlaryñ gabyra zyýarata gitmegi gadagan diýendirler. Käbir alymlar bolsa, diñe çenden aşa, köp zyýarat etmek zenanlara gadagan diýendir. Zenanlaryñ çenden aşa, köp gabyr zyýarat etmegi gadagandyr. Çünki alymlaryñ aýdyşy ýaly bu barada rowaýat edilen hadyslar, zenanlaryñ çenden aşa, gabyr zyýarat etmeleriniñ gadaganlygyny görkezýändir. Has hem zenan erkege görä gowşak bolanlygy üçin, köp gabyr zyýarat etmegi sebäpli sabyrsyzlyk, takdyra närazylyk, aglap-eñremek we şuña meñzeş Yslamda halanylmaýan zatlar bolup biler. Zenanlara çenden aşa, köp gabyr zyýarat etmegiñ gadaganlygynyñ delillerinden biri şu hadysdyr: Pygamberimiz Muhammed sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **"Allah çenden aşa, köp gabyr zyýaraty edýän zenanlara lagnat etsin."** (Ahmed: 2/337, Tirmizi: 1056, Ibn Mäje: 1576)

Gabyra zyýarata gitmekde käbir maksatlar bardyr. Olar hadysda aýdylyşy ýaly şulardyr: **"Ahyrýedi ýatlamak, gözleri ýaşartmak we kalbyñ ýumşamasy."** (Ahmed: 3/237, Beýhaki "es-Sünenul-Kubra": 4/77)

**Yslamda gabyry zyýarata gitmekden asyl maksat ikidir:**

1-Ölüleri görüp ybrat alyp, ahyrýedi ýatlamak, Allahyñ huzuryna çykmaga taýynlanmak.

2-Ölülere salam bermek, olar üçin Allahdan bagyşlanma dilemek.

Zenan maşgala ýanynda mähremi bolsa we jähiliýýe adaty bolan aglap, eñremek, ýaly edep-ahlaga ters bolan zatlary etmese we gabyra zyýarata gitmekden maksady ýokarda agzalan iki maksat bolsa, zenanyñ gabyr zyýaraty rugsatdyr. Emma gabyry zyýarat etmekden maksat ýokarda agzalan iki zatdan başga zat bolsa, gabyra baryp aglap, eñrese, ýaka-ýyrtyp, saçyny çekip, takdyra närazy bolýan hereketler ýa-da sözler sarp etse, ol gabyr zyýaratyndan sogap dälde günä gazanyp, ýokarda hadysda Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemiñ lagnat eden zenanlarynyñ hataryna girip biler.

Allahdan towfyk we hidaýat dileýäris.